# This document has been provided by the International Center for Not-for-Profit Law (ICNL).

ICNL is the leading source for information on the legal environment for civil society and public participation. Since 1992, ICNL has served as a resource to civil society leaders, government officials, and the donor community in over 90 countries.

Visit ICNL's **Online Library** at http://www.icnl.org/knowledge/library/index.php for further resources and research from countries all over the world.

Disclaimers

**Content.** The information provided herein is for general informational and educational purposes only. It is not intended and should not be construed to constitute legal advice. The information contained herein may not be applicable in all situations and may not, after the date of its presentation, even reflect the most current authority. Nothing contained herein should be relied or acted upon without the benefit of legal advice based upon the particular facts and circumstances presented, and nothing herein should be construed otherwise.

**Translations.** Translations by ICNL of any materials into other languages are intended solely as a convenience. Translation accuracy is not guaranteed nor implied. If any questions arise related to the accuracy of a translation, please refer to the original language official version of the document. Any discrepancies or differences created in the translation are not binding and have no legal effect for compliance or enforcement purposes.

**Warranty and Limitation of Liability.** Although ICNL uses reasonable efforts to include accurate and up-to-date information herein, ICNL makes no warranties or representations of any kind as to its accuracy, currency or completeness. You agree that access to and use of this document and the content thereof is at your own risk. ICNL disclaims all warranties of any kind, express or implied. Neither ICNL nor any party involved in creating, producing or delivering this document shall be liable for any damages whatsoever arising out of access to, use of or inability to use this document, or any errors or omissions in the content thereof.

# Türkmenistanyň Kanuny

## Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakynda

(Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary 1993 ý., № 9-10, 72- madda)

(Türkmenistanyň 15.09.1998 ý. № 304-1 Kanuny esasynda girizilen üýtgetmeler we goşmaçalar bilen)

Şu Kanun Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatyny amala aşyrmagyň esasy ýörelgelerini kesgitleýär.

Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakyndaky Kanun Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatyny durmuşa geçirmegi, ýaş graždanlaryň hukuklaryny hem-de azatlyklaryny, şeýle hem ýaşlar birleşikleriniň hukuklaryny amala aşyrmagy kepillendirmäge niýetlenendir.

## I BAP.
## UMUMY DÜZGÜNLER

### 1 -nji madda. Ýaşlar baradaky döwlet syýasaty

Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasaty döwletiň umumy syýasatynyň aýrylmaz bölegi bolup, ol Türkmenistanyň ýaş graždanlarynyň sosial-ykdysady, syýasy hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmäge gönükdirilendir.

### 2-nji madda. Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň ýörelgeleri

Türkmenistanda ýaşlar baralaky döwlet syýasaty amala aşyrylanda şu ýörelgelere:

-milletine, gelip çykyşyna, jynsyna, emläk we eýeleýän wezipesine, diline, dine bolan garaýşyna, syýasy ynamlaryna we partiýa degişliligine garamazdan, ýaş graždanlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň deňligi;

-ýaşlaryň ruhy, beden taýdan ösmegi, hünär taýdan taýýarlygy üçin ykdysady, sosial, hukuk şertleriniň we olaryň okuwda, zähmetde, ylymda, jemgyýetçilik hem döwlet işinde öz ukyplaryny amala aşyrmagy üçin mümkinçilikleriň üpjün edilmegi;

-ýaşlaryň durmuşyna degişli syýasatyň we programmalaryň düzülmegine hem durmuşa geçirilmegine ýaşlaryň gatnaşmagy;

-ýaş graždanlary gyzyklandyrýan zatlaryň we olaryň isleg-höwesleriniň nazara alynmagy;

-ýaş graždanlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň goralmagy;

-ýaşlar guramalarynyň osüşinde özbaşdaklygyň kepillendirilmegi;

- hukuklaryň we borçlaryň, azatlyklaryň we graždan jogapkärçiliginiň bütewiligi ýaly ýörelgelere esaslanýar.

### 3-nji madda. Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň subýektleri

Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň şular subýektleridir:

-30 ýaşa çenli bolan ýaş graždanlar;

-är-aýalyň her biriniň ýaşy 30-a ýetmedik ýaş maşgalalar;

-ýaş jemgyýetçilik birleşikleri.

### 4-nji madda. Ýaşlar baradaky döwlet syýasaty hakynda Türkmsnistanyň kanunçylygy

Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň durmuşa geçirilmegi bilen baglanyşykly gatnaşyklar Türkmenistanyň Konstitusiýasy bilen, şu Kanun bilen we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk aktlary bilen kadalaşdyrylýar.

Türkmenistanyň kanunçylyk aktlaryndan tapawutlylykda, Türkmenistanyň gatnaşan halkara şertnamalarynda başga düzgünler bellenen bolsa, onda halkara şertnamalarynyň we ylalaşyklarynyň düzgünleri ulanylýar.

**5-nji madda. Ýaşlar syýasatyny durmuşa geçirmekde döwlet dolandyrylyşy**

Döwletiň ýaşlar syýasatyny kesgitlemek Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan amala aşyrylýar.

Döwletiň ýaşlar syýasatyny durmuşa gsçirmekde döwlet dolandyryşy şu Kanun, Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk aktlary bilen bellenen tertipde Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň, beýleki döwlet organlarynyň üstüne ýüklenilýär.

Döwletiň ýaşlar syýasatyny kompleksleýin (toplumlaýyn) dolandyrmak üçin Türkmenistanyň Ministrler kabinetiniň ýanynda Türkmenistanyň ýaşlaryň işleri baradaky döwlet organy döredilýär.

Oňa degişli ygtyýarlar:

- ýaşlar baradaky döwlet syýasýatyny amala aşyrmak babatynda toplumlaýyn hem ýörite programmalary, sosial normalary we normatiwleri işläp düzmek, bu ugurda beýleki kararlary taýýarlamak, şolaryň ýerine ýetirilşini utgaşdyrmak we olara gözegçilik (kontrollyk) etmek;

-döwletiň yklysady we sosial taýdan ösüş planlarynyň we programmasynyň proýektlerini, degişli býujetleriň proýektlerini işläp düzmäge gatnaşmak;

-ýaşlaryň we ýaşlar baradaky döwlet syýasatynyň programmalary boýunça barlaglary geçirmek;

-ýaşlar sredasynda sosial prosesleri analizlemek we çaklamak;

-ýaşlaryň sosial gulluklaryny döretmek boýunça iş alyp barmak;

-Türkmenistanda ýaşlar baradaky döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek üçin döwlet býujetinden bölünip berilýän maliýe serişdelerine serenjam bermek;

-ýaşlar birleşiklerine dotasiýalary we subsidiýalary bermek;

-onuň üstüne ýüklenen beýleki wezipeleri amala aşyrmak.

Ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýerli organlarynda ýaşlaryň işleri baradaky bölümler döredilýär.

Ýaşlaryň işleri baradaky döwlet organynyň hukuk taýdan statusy we düzümi Türkmenistanyň ministrler kabineti tarapyndan tassyklanýan düzgünnama bilen kesgitlenýär.

## II BAP.
## ÝAŞLARYŇ HUKUK WE SOSIAL TAÝDAN GORAGLYLYGY

**6-nji madda. Ýaş graždanlaryň hukuk we sosial taýdan goraglylygynyň kepillendirilmegi**

Türkmenistandaky ýaş graždanlar Türkmenistanyň Konstitusiýasy we Türkmenistanyň beýleki kanunçylyk aktlary tarapyndan berkidilen sosial-ykdysady, syýasy, şahsy hukuklara hem azatlyklara doly eýedir hem-de Türkmenistanyň graždanlary üçin kesgitlenen borçlara jogapkärdir.

Ýaşyna baglylykda ýaş graždanlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň göni ýa-da gytaklaýyn çäklendirilmegi, şeýle hem şonuň esasynda olaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň durmuşda ulanylmagyna islendik formada böwet bolunmagy bikanun hasaplanyp, munuň üçin Türkmenistanyň kanunlarynda göz öňünde tutulan esaslarda jogapkärçilik çekilýär.

Eger Türkmenistanyň kanunlary arkaly başga zat göz öňünde tutulmadyk bolsa, galan graždanlar üçin bellenen borçlara garanda ýaş graždanlara haýsydyr bir goşmaça borçlary ýüklemäge ýol berilmeýär.

18 ýaşyna, kämillik ýaşyna ýetmedik adamlar döwletiň aýratyn goragyndan peýdalanýarlar.

Döwlet kämillik ýaşyna ýetmedikleriň heniz ýaşdygy zerarly öz hereketleriniň manysyny doly derejede aňşyryp bilmeýändigini göz öňünde tutup, olaryň öz hereketleri bilen hukuk

edinmek, özleri üçin borç döretmek we ýuridiki jogapkärçilik çekmek ukybyny çäklendirýär. Döwlet şeýle hem olaryň hukuklaryny amala aşyrmagyň aýratyn tertibini belleýär. Ýaş graždanlaryň ukypsyzlygynyň doly däl möçberi, edil şonuň ýaly-da olaryň hukuklaryny amala aşyrmaga ýörite tertibi diňe kanun tarapyndan bellenip bilner.

Döwlet organlary we wezipeli adamlar, pedagogik we sosial edaralarynyň işgärleri kämillik ýaşyna ýetmedikleriň jenaýat alamatlary bolan etmişleri hem-de hukuk tertibini bozandyklary hakynda jemagat arasynda ýaýran maglumatlara esaslanyp, olar babatda täsir ediş çärelerini ulanyp bilmezler, ýöne şol agzalan çäreleriň suduň karary bilen ulanylýan jenaýat jezasynyň ýa-da administratiw temminiň görnüşi bolan ýa-da terbiýeçilik häsiýetdäki mejbur ediş çärelerine degişli bolan çäreleri muňa girmeýär.

Ýaş graždanlaryň aýry-aýry toparlarynyň (inwalidleriň, fiziki we akyl taýdan kemter ösen çagalaryň, ýetim çagalaryň, ene-ata hossarlygyndan mahrum edilen çagalaryň, çagalary terbiýeleýän eneleriň we ş.m.) hukuklaryny goramak meselesi Türkmenistanyň kanunlary bilen düzgünleşdirilýär.

**7-nji madda. Bilim ugrunda (sferasynda) ýaş graždanlaryň hukuklary we olaryň sosial taýdan goraglylygy**

Ýaş graždanlaryň okamak, terbiýe almak, ruhy taýdan ösmek, kesp-kär boýunça taýýarlyk babatynda sosial taýdan hyzmatlary almagy kepillendirilýär. Olara döwlet tarapyndan berilýän bilim hyzmatlarynyň ähli görnüşleriniň we tipleriniň umumy elýeterli we mugt bolmagy üpjün edilýär.

Ýaş graždanine okuw jaýyny, okuwyň okadylýan dilini, okuwyň ugruny we görnüşini saýlap almaga hukuk berilýär.

Bilim berýän döwlet edaralarynda okaýan Türkmenistanyň ýaş graždanlarynyň ýeňillikli naharlanmaga, medisina hyzmatyna, okuw kitaplaryndan we okuw esbaplaryndan mugt peýdalanmaga, bilim alýan döwründe okuw jaýynyň okuw-önümçilik, ylmy we medeni-sport bazasyndan mugt peýdalanmaga, şeýle hem stipendiýalary, berilýän kömek töleglerini we öwez puluny almaga, okuw jaýynyň öz-özüni dolandyryş organlarynyň işine gatnaşmaga hukugy bardyr.

Maddy kömege mätäç talyplara hem-de okuwçylara ýokary we ýörite okuw jaýlarynda döredilýän sosial kömek fondlarynyň serişdelerinden zerur goldaw berilýär.

**8-nji madda. Bilim beriji edaralar bilen özara gatnaşyklarda ýaş graždanlaryň hukuklarynyň üpjün edilmegi**

Ýaş graždanlar bilen bilim berýän edaralaryň arasyndaky hukuk gatnaşyklary şol gatnaşyklara gatnaşyjylaryň deňligine esaslanýar.

Bilim beriji edaralaryň administrasiýalary bilen okuwçylaryň arasyndaky özara gatnaşyklarda okuwçylaryň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylyk aktlary, wedomstwolaýyn normatiw aktlar, okuwçylaryň ýa-da olaryň kanuny wekilleriniň gatnaşmagynda bilim beriji edaralaryň öz-özüňi dolandyryş organlary tarapyndan kabul edilen kararlar, okuwçylaryň hem-de olaryň kollektiwleri bilen bilim edaralarynyň administrasiýasynyň arasyndaky şertnamalar (ylalaşyklar) bilen bellenilýär.

Okuwçylary we talyplary gös-göni okuw prosesinden gelip çykmaýan borçlary ýerine ýetirmäge ýa-da olaryň öz hukuklaryny peýdalanmakdan boýun gaçyrmaga mejbur etmäge, şeýle okuwçynyň şahsy durmuşyna gatyşmagy amala aşyrmaga we okuwynyň ynsanlyk mertebesini peseltmäge bilim edaralarynyň administrasiýasynyň we işgärleriniň haky ýokdur.

Bilim edaralarynyň administrasiýasy ýa-da işgärleri tarapyndan hukuga ters gelýän şeýle hereketler amal edilen mahalynda, hukuklary bolzulan okuwçylar ýa-da olaryň kanuny wekilleri bilim beriji edaralar tarapyndan ýetirilen zyýanyň öweziniň doldurylmagyny sud tertibinde talap etmäge haklydyr.

### 9-njy madda. Ýaşlaryň zähmete bolan hukugynyň durmuşa geçirilmegi

Döwlet ýaşlary önümçilikde indiwiduallaýyn şägirt ýetişdirmegi, olary başga usul bilen önümçilikde okatmagy hem-de kärhanalarda olaryň hünarini ýokarlandyrmagy höweslendirýär, şunda ol ykdysady taýdap düzgünleşdirmegiň we ýeňillikli salgyt salmagyň usullaryny ulanýar.

Jemgyýetçilik-peýdaly zähmet bilen meşgul bolmaýan ýaş graždanlar, umumy bilim berýän mekdebi tamamlanlar, hakyky harby gullugy geçip gutarandan soňra zapasa goýberilenler, edil şonuň ýaly-da öň zähmet gatnaşyklarynda bolmadyklar Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda iş bilen üpjün ediş gullugynyň üsti bilen işe ýerleşmäge ýardam edilmegine bolan hukuga eýedir. Ýerli ýerine ýetiriji häkimiýet organlarynyň karary esasynda döwlet karhanalaryna we guramalaryna ýaşlaryň şol kategoriýasyny işe almaga we olary önümçilikde okatmaga orun (kwota) sany bellenilýär.

### 10-njy madda. Ýaş graždanlaryň kepillendirilen sosial hyzmatlary almaga bolan hukuklary

Ýaş graždanlaryň milletine, gelip çykyşyna, jynsyna, dini ygtykadyna, emläk we wezipe ýagdaýyna garamazdan, sosial hyzmatlaryň döwlet tarapyndan kepillendirilen zerur minimumyny almaga hukugy bardyr.

Ýaş graždanlaryň kepillendirilen derejede almaly sosial normalarynyň we normatiwleriniň sistemasy döwlet tarapyndan bellenilýär.

Döwlet, jemgyýetçilik organlarynyň we wezipeli adamlaryň ýaş graždanlara edilýän sosial hyzmatlaryň möçberiniň azalmagyna, edil şonuň ýaly-da kepillendirilen dereje bilen deňeşdireniňde şolaryň hiliniň ýaramazlaşmagyna elýeter kararlary kabul etmäge we durmuşa geçirmäge haky ýokdur.

Döwlet we jemgyýetçilik organlarynyň, wezipeli adamlaryň bikanun hereketleri graždanin tarapyndan, ýagny hukugy bozulan tarapyndan, onuň wekili, şeýle hem ýaşlaryň işleri baradaky döwlet organy tarapyndan suda arz edilip bilner.

Döwlet ýaşlara sosial hyzmatlary edýän jemgyýetçilik we beýleki birleşmelere we guramalara maliýe hem başga maddy taýdan zerur gerek kömegi berýär, olaryň işine ýeňillikli hukuk düzgüni belleýär, şeýle hem döwletiň ykdysady taýdan düzgünleşdiriş usullaryny ulanyp, ýaşlaryň sosial taýdan berkemegine we ösmegine ýardam edýän ugurlara maýa goýumlarynyň goýulmagyny höweslendirýär.

### 11-nji madda. Ýaş graždanlaryň ykdysady özbaşdaklygynyň we olara goldawyň üpjün edilmegi

Ýaş graždanlara we ýaş maşgalalara indiwidual ýaşaýyş-jaý gurluşygy üçin ýer uçastoklaryny bölüp bermekde ýeňillikler, ýaşaýyş öýlerini we kwartiralary satyn almak üçin, ýaşaýyş-jaý gurluşygy kooperatiwlerine girmek üçin paý wznoslaryny tölemäge, öý hojalygyny edinmäge, uzak ulanar ýaly gerekli öý goşlaryny edinmäge, kommersiýa esasynda we beýleki maksatlar üçin hereket edýän okuw jaýlaryndaky okuwlar üçin tölegleri tölemäge uzak möhletli kreditler berýärler..

Çagalary bar bolan ýaş maşgalalara berilýän ýeňillikleriň, kreditleriň sanawy we şolary bermegiň tertibi Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan bellenilýär.

Çagaly ýaş maşgalalara berilýän kreditiň bir bölegi kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýaşlar fondlarynyň serişdeleriniň hasabyna üzlüp bilner.

### 12-nji madda. Ýaşlar telekeçiligi

Ýaş graždanlara telekeçilik işinde hukuk, ykdysady goldaw berilýär. Şol berilýän goldaw ýaşlar kärhanalaryna salgyt salmagy, kredit bermegi, inwestisiýa boýunça ýeňillikler bermegi,

önümçiligi zerur serişdeler hem-de önümçilik jaýlary, ýer uçastoklary bilen üpjün etmegi, şeýle hem häzirki hereket edýän kanun hakynda habar we ony ulanmak boýunça usullaýyn maslahatlar bilen üpjün etmegi öz içine alýar.

Özünde işleýän ähli sostawyň 75 prosentinden az bolmadyk, ýaşy 30-a çenli ýaş graždanlardan ybarat kärhanalar ýaşlar kärhanalary hasaplanylýar. Şunda şolar ýaşlar birleşikleri, fondlar tarapyndan, mekdepleriň okuwçylaryndan, talyplardan, şonuň ýaly-da ylmy-barlag, innowasion hem-de önümçilige ornaşdyrylyş işini alyp barmak üçin kollektiwde 75 prosentden az bolmadyk, ýaşy 35-e çenli alymlardan ybarat döredilýär.

Okuwçylaryň zähmeti ulanylýan kärhanalar, eger şolaryň sany ähli işleýänleriň sanynyň 75 prosentinden az bolmadyk bölegini düzýän bolsa, onda olar peýdadan alynýan salgydy tölemekden boşadylýar, galan ýaşlar kärhanalary özleriniň bellige alnan pursatyndan başlap, peýdadan alynýan salgydyň Kanun tarapyndan bellenilen 50 prosent möçberindäki stawkasyndan iki ýylyň dowamynda boşadylýar.

Çagalar hem-de ýaşlar üçin niýetlenen sosial-medeni obýektleriň gurluşygy we olary saklamak üçin kärhanalaryň çykdajylary, ýaşlaryň beýleki sosial problemalarynyň çözgüdine harç edilýän serişdeler kärhanalaryň salgyt salynýan girdejisinden bölünip aýrylýar.

## III BAP.
## DÖWLETIŇ ÝAŞLAR SYÝASATYNY AMALA AŞYRMAGYŇ YKDYSADY MEHANIZMLERI

### 13-nji madsa. Ýaşlar syýasatynyň maliýeleşdirilmegi

Döwlet we ýerli býujetlerde ýaşlar syýasatyny durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly çäreleriň maliýeleşdirilmegi üçin serişdeler göz öňünde tutulýar. Döwlet we ýerli býujetleriň serişdeleriniň hasabyna şu aşakdakylar maliýeleşdirilýär:

-ýaşlar baradaky syýasaty amala aşyrmak babatdaky umumy döwlet we ýerli toplumlaýyn hem-de ýörite programmalar;

-ýaşlaryň işi boýunça döwlet organynyň garamagyndaky wedomstwolaryň obýektleriniň gurluşygyna we olary saklamaga, şeýle hem ýaşlaryň sosial problemalaryny çözmegi üpjün edýän çäreleri geçirmäge jemgyýetçilik we beýleki guramalara berilýän ýörite niýetlenen subsidiýalar boýunça çykdajylar;

- Türkmenistan tarapyndan baglaşylan ha1kara şertnamalaryna laýyklykda halkara ýaşlar gatnaşyklaryny amala aşyrmak boýunça çykdajylar.

### 14-nji madda. Ýaşlar syýasatynyň sferasyndaky programmalary maliýeleşdirmegiň çeşmeleri we tertibi

1. Ýaşlar syýasaty babatdaky programmalary maliýeleşdirmek üçin döwlet (merkezi) ýaşlar fondy, şeýle hem welaýatlarda, etraplarda we etraplara deňeşdirilen şäherlerde ýaşlar fondlary döredilýär.

Zähmetkeşler kollektiwleriniň karary esasynda kärhanalar, edaralar we guramalaryň ýaşlar fondlary döredilip bilner. Ýaşlar fonduny döretmek hakyndaky karar kollektiwiň şertnamasynda görkezilmelidir.

Şular ýaşlar fondlaryny maliýeleşdirmegiň çeşmeleri hasaplanýar:

-Býujetden goýberilýän pullar, ýuridiki we fiziki taraplardan gelýän haýyr-sahawat düşewüntleri;

-Ýaşlar fondlarynyň düzümleýin kiçi bölümleriniň täjirçilik (kommersiýa) işinden girýän girdejileri;

-Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan göz öňünde tutulan beýleki çeşmeler.

### 15-nji madda. Döwlet (merkezi) ýaşlar fondy

Döwlet (merkezi) ýaşlar fondy ýuridiki taraply hukuklara eýe bolan özbaşdak guramadyr. Fond ýaşlaryň işleri baradaky döwlet organynyň ýanynda döredilýär.

Döwlet (merkezi) ýaşlar fondunyň serişdeleri şulara gönükdirilýär:

- ýaşlaryň okuw, ylmy, tehnologik, ekologik programmalaryny maliýeleşdirmäge;
-ýaşlar telekeçiligini maliýe taýdan goldamaga;
- maliýe taýdan töwekgelligiň strahowaniýesiniň üpjün edilmegine we ýaş telekeçilige kepilligiň (zamunlygyň) berilmegine.

Ýaşlar fondlarynyň düzümleýin kiçi bölümleri ustawdaky bellenen işi durmuşa geçirmäge şol fondlara gönükdirilen girdejiden döwlet býujetine salgyt tölemekden boşadylýar.

Ýaşlar fondlaryny döretmegiň, onuň işiniň tertibi Türkmenistanyň Ministrler kabineti tarapyndan bellenilýär.

## IV BAP.
## TÜRKMENISTANDA ÝAŞLARYŇ JEMGYÝETÇILIK BIRLEŞIKLERINIŇ HUKUK ÝAGDAÝY

### 16-njy madda. Ýaşlaryň birleşikleri

Türkmenistanyň territoriýasyndaky ýaşlar birleşikleri döwletiň ýaş graždanlaryna mahsus bolan bähbitleri we islegleri aňladýan meýletin jemgyýetçilik düzümidir. Ýaşlar birleşiginiň işine esasan ýaşy 30-a çenli bolan adamlaryň gatnaşmaga hukugy bardyr.

Ýaşlaryň jemgyýetçilik birleşiginiň ýaşy 30-dan geçen agzalarynyň sany şol birleşigiň umumy sanynyň on prosentinden geçmeli däldir.

Ylmy we döredijilik işgärlerinden düzülen ýaşlar birleşikleri üçin olaryň agzalarynyň aňryçäk ýaşy 35-e çenli artdyrylyp bilner.

Ýaşlar birleşiginiň ustawynda beýleki döwletleriň graždanlarynyň we graždanlygy bolmadyk adamlaryň şoňa agza bolmagy göz öňünde tutulyp bilner.

Jemgiýetçilik birleşikleri tarapyndan döredilen we öz işini şolaryň ustawlaýyn wezipeleriniň çäklerinde hem-de şolaryň ýolbaşçy organlarynyň kararlary esasynda alyp barýan ýaş graždanlaryň birleşikleri şol jemgyýetçilik birleşikleriniň ýaşlar seksiýalarydyr (bölümleridir) we olar özbaşdak ýaşlar birleşikleri diýlip hasap edilmeýär.

Ýaşlar birleşiklerine girmäge ýaş graždanlaryň gönüden-göni ýa-da gytaklaýyn mejbur edilmegine ýol berilmeýär, şonuň ýaly-da olaryň garaşly ýagdaýyny ulanyp, şol birleşikleriň işine gatnaşmagyň gadagan edilmegi Türkmenistanyň kanunlary tarapyndan göz öňünde tutulan tertipde jogapkärçiligi alyp barýar.

Ýaşlar birleşiklerini guramagyň we onuň işiniň tertibi «Türkmenistanda jemgyýetçilik birleşikleri hakyndaky» Türkmenistanyň kanuny bilen kesgitlenýär.

### 17-nji madda. Döwlet häkimiýet we dolandyryş organlarynda ýaşlaryň bähbitlerine wekilçilige bolan hukuk

Ýaşlar birleşikleri döwlet häkimýet we dolandyryş organlarynda diňe öz agzalarynyň bähbitlerine wekilçilik edýär. Ýaşlar birleşiginiň hiç biriniň hem Türkmenistanyň ähli ýaşlarynyň bähbitlerini we höweslerini aňlatmakda agdyklaýynlyga bäsdeşlik etmäge haky ýokdur.

### 18-nji madda. Türkmenistanyň ýaşlar birleşiklerine döwlet goldawy

Döwlet organlary ýaşlar birleşiklerine maliýe, şeýle hem başga maddy goldawy berip biler.

Ýaşlar birleşiklerine maliýe taýdan goldaw ýaşlar birleşikleriniň ýörite ýaşlar programmalaryny durmuşa geçirmek bilen baglanşykly inwestision (maýa goýumy) işinden alýan girdejileriniň summalaryndan alynýan salgyda ýeňillikler bermek görnüşinde amala aşyrylýar.

Täze döredilen ýaşlar birleşiklerine olaryň işiniň birinji ýylynda degişli býujetiň serişdeleriniň hasabyna bir gezeklik ssuda peşgeş berlip bilner.

Döwlet organlarynyň, kärhanalaryň, edaralaryň we guramalaryň ýaşlar birleşiklerine şolaryň ustawyndaky bellenen wezipeleriň amala aşyrylmagy üçin jaýlary, desgalary we başga zerur emlägi muzdsuz bermäge haky bardyr.

## V BAP.
## JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

**19-njy madda. Ýaş graždanlaryň we ýaşlar birleşikleriniň şu Kanun arkaly berkidilen hukuklarynyň kepillendirilmegi**

Şu Kanunyň durmuşa geçirilişine gözegçilik (kontrollyk), ýaşlaryň işleri baradaky döwlet orgnynyň üstüne ýüklenilýär.

Döwlet organlary, kärhanalar, edaralar, guramalar we wezipeli adamlar özleriniň ygtyýarlarynyň we borçlarynyň çäklerinde Türkmenistanda döwletiň ýaşlar syýasatyny durmuşa geçirmegi üpjün edýär. Ýaşlaryň hukukaryny we kanuny bähbitlerini durmuşa geçirmegi ýerine ýetirmezlikde ýa-da borçlaryň degişli däl derejede berjäý etmekde günälenýän wezipeli adamlar Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat Türkmenbaşy**
**Aşgabat şäheri**
**1993-nji ýyl, 1-nji oktýabr**
**№ 875-XΠ**